# CNPC kompaniýasynyň Türkmenistandaky şahamçasy Hytaýyň nebit uniwersitetine okuwa kabul etmek üçin resminamalary alyp başlady

**Hytaýyň milli nebit-gaz korporasiýasynyň (CNPC International LTD) Türkmenistandaky şahamçasy Pekindäki Hytaýyň nebit uniwersitetinde ýokary bilim almak isleýän ýurdumyzyň raýatlaryndan resminamalaryň kabul edilýändigini mälim etdi.**

Okuw alty hünär boýunça alnyp barlar: nebit-gaz inženerligi, nebit we gazy daşamak hem-de saklamak, geologiýa we kän gözleg işleri, nebit-gaz känlerini işläp taýýarlamak we işletmek, himiýa inženerligi we tehnologiýasy, şeýle hem mehaniki taslamalaşdyrma we awtomatizirleme.

Kabul edişlige gatnaşmaga ýaşy 25-den uly bolmadyk, okuw görkezijileri gowy bolan we iňlis dilini bilýän Türkmenistanyň raýatlary çagyrylýar. Kabul edişlik iki tapgyrda geçiriler: matematika, himiýa we fizika boýunça synag hem-de iňlis dilinde söhbetdeşlik bolar.

Resminamalaryň kabul edilişi 2026-njy ýylyň 16–31-nji mart aralygynda iş günleri sagat 9:30-dan 17:00-a çenli CNPC-niň Aşgabatdaky şahamçasynyň edarasynda geçirilýär. Salgysy: Aşgabat şäheri, Bitarap Türkmenistan şaýoly, 553/3. Habarlaşmak üçin telefon belgileri: +99312 44-51-01, +99312 44-50-65, +99312 44-54-75.

***«THE ASHGABAT TIMES».***

Все права защищены